# Dünýä maňa aşyk bolsun!

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýä maňa aşyk bolsun! DÜNÝÄ MAÑA AŞYK BOLSUN!



Nebsim çapyp ylgamaýyn,
Baýlyk maňa aşyk bolsun!

Söhbetlerden hiç ganmaýyn,
Sözler maňa aşyk bolsun!
Güllere beslense ýazlar,
Göwün açar, ruhuň sazlar,
Diňlänimde şirin sazlar,
Sazlar maňa aşyk bolsun!

Deňiz-derýa mööwç uranda,
Tolkunlary aý görende,
Akmaýanyň ýollarynda,
Ýollar maňa aşyk bolsun!

Galsyn munda nusga işler,
Kütelmesin akyl-huşlar,
Ýaňagymda begenç ýaşlar,
Ýaşlar maňa aşyk bolsun!

Güllerine gunça bolsam,
Günlerine mähir bolsam,
Ýyllaryna möhür goýsam,
Dünýä maňa aşyk bolsam!

Oguljennet NAZAROWA. Goşgular